***Ýurdumyzda geçirilýän iri halkara forumlarda zenanlar meselesine ýüzlenilmegi olaryň maşgaladaky, döwlet we jemgyýetçilik durmuşyndaky işjeň ornuna, gender deňliginiň üpjün edilmegine aýratyn üns berilýändigini alamatlandyrýar. Bu hakykaty ýurdumyzyň başlangyjy esasynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty bilen ugurdaşlykda «Ygrarlylykdan özgerişe tarap: Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň üçünji maslahatynyň Hereketler maksatnamasyny öňe sürýän zenanlar» atly ýolbaşçy zenanlarynyň forumynyň guralmagynyň göz öňünde tutulmagy hem ýene bir ýola tassyklaýar.***

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlarda ýaşaýan 570 milliondan gowrak adamyň, takmynan, 49 göteriminiň zenanlardygy aýratyn bellenilmeli ýagdaýdyr. Bu ýurtlarda zenanlaryň möhüm çözgütleri kabul etmek we jemgyýetçilik wezipelerini ýerine ýetirmek işine deň hukukly we doly ygtyýarly gatnaşmagy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin Hereketleriň täze maksatnamasyny netijeli amala aşyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Bu forum deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň zenanlarynyň hukuklaryny we mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça tekliplerini hem-de zerur bolan borçnamalaryny, olaryň 2024 — 2034-nji ýyllar döwrüni öz içine alýan Hereketleriň on ýyllyk maksatnamasynyň, ýagny «Awaza maksatnamasynyň» amala aşyrylmagynda işjeň ornuny kesgitlär. Hereketleriň täze maksatnamasynyň we Durnukly ösüş maksatlarynyň çäklerinde gender deňligini üpjün etmekde, aýallaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini artdyrmakda, umumy bähbitleri durmuşa geçirmek bilen deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň zenanlarynyň ýagdaýyny gowulandyrmak ugrunda edilýän bilelikdäki tagallalar olaryň durmuşynda täze sahypany açar.

Gender deňligini üpjün etmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynda möhüm ugurlaryň biri bolup durýar. Bu ugurda ýurdumyzda Milli hereketleriň meýilnamalary, täze kanunçylyk namalary yzygiderli kabul edilýär. Çünki gender deňligini üpjün etmek, ähli zenanlaryň hem-de gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek Durnukly ösüş maksatlarynyň 17-siniň biridir. Bu babatda ýurdumyz BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we düzümleri bilen gatnaşyklary berkitmek ugrunda işjeň çykyş edýär. Türkmenistanyň soňky ýyllarda BMG-niň Zenanlaryň ýagdaýy boýunça komissiýasyna, BMG-niň Gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi meseleleri boýunça düzüminiň («BMG — Zenanlar») Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanylmagy aýal-gyzlaryň ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady we medeni-ynsanperwer durmuşyna işjeň gatnaşýandygynyň halkara giňişlikde ykrar edilýändigini alamatlandyrýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Merjen HALAPOWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň Pedagogika fakultetiniň Başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýasy hünäriniň 403-nji toparynyň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026